# Dünýä parasadynyň pelsepesi




MAGTYMGULYNYŇ döredijiligine gündogar edebiýatynyň täsiri hakynda birnäçe işler ýazylypdyr. Şol işlering hemmesinde diýen ýaly gündogar edebiýatynyň aýry-aýry wekilleriniň Magtymgulynyň edebiçeper döredijiligine ýetiren täsiri dogrusynda gürrüň edilýärdi. Emma şahyryň tebigat boýunça dünýägaraýşynyň kemala gelmegine täsir eden ylmy halypalar dogrusynda ýazylan işler ýok diýerlikdir.

Magtymgulynyň dünýägaraýşyna täsir eden çeşmeler kän, olaryň hemmesini hasapa almak we öwrenmek mümkin däl. Şeýle-de bolsa olary umumylaşdyryp, şertli üç topara bölmek bolar:

* Maşgalada, kakasy Azadydan alan bilim-edep terbiýesi.
* Medrese döwründe alan bilimi.
* Sopuçylyk taglymatlary we saparlary bilen baglanyşykly dörän düşünjeler.

Başga belleýşimiz ýaly, bu toparlaryň arasyny açmak kyn. Sebäbi şol bir şygryň döremegine sanalan topar — çeşmeleriň hemmesiniň-de gatnaşan bolmagy mümkindir.

Biz öňki makalalarymyzyň birinde Magtymgulynyň tebigat boýynça dünýägaraýşyna kemala gelmegine ýunan akyldarlarynyň täsiri hakynda gürrüň ederis. Çemeleşmegiň şu usuly goýlan meseläniň çözgüdini aýdyňlaşdyrmaga kömek etse gerek.

Magtymguluda «San bolsam» atly bir goşgy bar. Bu goşgynyň üsti bilen şahryň döredijilik ylhamynyň haýsy ugurlar boýunça ýöriteleşendigini aňyp bolýar. Goşgudaky ady sanalýan edebi, ylmy we dini çeşmeleriň giň sanawyndan çen tutsaň, onuň medrese döwründe ýazylandygyny çaklamak mümkin.

Platon biziň eýýamymyzdan öňki 428 — 348-nji ýyllarda ýaşap geçen gadymy ýunan akyldarydyr. Ol beýik pelsepeçi, çeper sözüň ussady, ylmy babatda köp-köp täzelikleri aýdyp geçen dünýä belli akyldarydyr.

Platonyň ýazan köpsanly eserlerinde diňe 36-sy biziň günlerimize gelip ýetipdir. Ol eserlerde adamzady gyzyklandyrýan köp meseleler bilen birlikde olaryň ahlak, gözellik dünýäsi we başga-başga taraplary hakynda gürüň edilýär.

Platon «Eflatun» ady bilen türkmenleriň arasynda meşhurlyga eýedir. Il içinde okumyş, bilermen adamlara «Eflatundan sapak alan» diýilmesi hem bar.

W. Uspenskiý bilen A. Belýaýew geçen asyryň ýigriminji ýyllarynda ýazan «Türkmen sazlary» diýen kitabynda Platonyň adynyň türkmenleriň arasynda ýörgünlidigini, hatda türkmen sazlarynyň taryhynyň Eflatundan alyp gaýdýandygy hakynda rowaýatlaryň ýaýrandygyny belläp geçýär. Synçylaryň aýtmaklaryna görä, türkmenleriň belli « Nar agajy» diýen sazynyň täsiri Ýewropanyň ösen nusgawy saz eserlerin-de duýulýarmyş. Şuňa meňzeş

mysallar türkmenleriň medeniýetiniň dünýäniň ösen siwilizasiýa merkezleri bilen örän irki döwürlerden bäri gatnaşykda bolandygyny aňladýar. Şeýlelik bilen, ýagdaý Magtymgulynyň döredijiligine Platonyň täsiri öwrenmekligiň ähmiýetini artdyrýar.

Platon dünýäniň başlangyjy hökmünde 4 sany maddy barlygy: ýeri, ody, suwy, howany esas edip goýýar. Onuň pikiriçe, bu maddy başlangyçlar ruhdan durandyrlary, olar bir-birine geçip hem ölüp bilýärler. Ýagny, ýeriň «ölmegi» bilen — ot döreýär, odyň «ölmegi» bilen — howa döreýär, howanyň «ölmegi» bilen — suw döreýär, suwyň «ölmegi» bilen — ýer döreýär. Bu hereketleriň hemmesi-de Ýaradan tarapyndan dolandyrylýar.

Magtymguluda dörtlükleriň çylşyrymly gelip çykyşy bardyr. Olary şertli üç topara bölmek bolar:

* Platon häsiýetli dörtlükler.
* Kämilligiň dörtlükleri.
* Çylşyrymly dörtlükler.

Platon gelip çykyşly dörtlükler adamyň mysalynda düşündirilýär. (Makalada Magtymguludan getirilýän setirler onuň 1983-nji ýylda «Türkmenistan» neşriýatynda çykan iki tomluk we 1994-nji ýylda çykan üç tomluk saýlanan eserlerinden alyndy).

***Adam ogly asly zatyň,***
***Bir owuçdan sana geldiň,***
***Ot bile Ýelden, Toprakdan***
***Katrasyndan gana geldiň.***
***
***Adamyň aslyn sorsaň — laýdyr.***

Laýyň toprakdan we suwdan düzülendiginden ugur alsak, onda bu mysallarda platonçylygyň ähli dört başlangyjyny — ýeri, ody, suwy, howany duýup bolýar. Platondaky ýaly Magtymgulu-da bu bölejikleriň hereketi: «Külli perman içinde» geçýär.

Kämilligi aňladýan dörtlükler öz gözbaşyny Azadydan alyp gaýdýar. Azadynyň pikirçe, ähli kämilliker dörtlük san bilen baglanyşykly. Meselem, sopuçylygyň dört basgançakly ugurlary, çaryarlaryň dörtlügi, tamdyrlaryň körüginiň dört sany bolmagy, hatda kämilligiň 40 ýaşy-da dört sany onluklaryň jeminden düzülendir. Şol sebäpli Azady dörtlükler hakynda şeýle netijä gelýär:

***Ýagny bu törtdür jahany kaýym kylan,***
***Ýerler-u gökleri daýym kylan.***
*(D.Azady. saýlanan eserler, «Ylym» neşirýaty, 1982 ý. ).*

Magtymgulu-da kämilligi häsiýetlendiýän dörtlükler bar:

***Ýalan dünýäň dört burçuny aýlanyp,***
***Barçany bu pelek sorup baradyr.***
***
***...Dört sany umman görüner..***

Şeýle-de, Magtymguluda çylşyrymly dörtlükleriň uly toplumlaryda bar:

***Sag – salamat, sermest bolup gezen jan***
***Dört belanyň birisinden iglärler.***
***Ýa sowukdan, ýa yssydan guryr gan***
***Ten üstünde tebipleri eglärler.***

***Ryzk wekili geler, ryzkyň ýok edip,***
***Göwräňi guradyp, ýoluň bek edip,***
***Demiň perişdesi demiň tükedip.***
***Iliň – günüň özge ýurda çaglarlar.***

Bu setirlerde şahyrdörtlügiň hataryna: sowugy, yssyny, demi (howany) we iýmiti goşýar. Şular ýaly çylşyrymly başlangyjy bolan dörtlükleriň toplumlary başga-da bar:

***Akyl, göz hem ykbal, iman dördüsi,***
***Jyda galsa, derman nedir, dert nedir,***

***... Seýran etseň bu dünýäniň dört burçun,***
***Garyşypdyr halal, haram, arwah, jyn,***

Platonyň adamyň ruhy hakyndaky pikiri has-da gyzyklydyr. Onuň pikiriçe, adamyň ruhy beden agzalarynyň üç ýerinde: ýürekde, beýnide we garnyň töwereginde ýerleşendir. Ruhlaryň beýnidäki bölegi ölmez – ýitmezdir, emma bedeniň galan böleklerindäki ruhlar bedeniň ölmegi bilen ölýärler, ýitip gidýärler.

Magtymgulynyň pikirine görä, adamyň ruhy ýeke – täkdir, ölmez – ýitmezdir. Ähtimal, ruh bilen baglanyşykly şeýle tapawut Magtymgula «San bolsam» goşgusynda: «Galen, Eflatuna ýolun görkezip» diýen setiriň üsti bilen Platona «dogry ýol» salgy berijilik tarapy eýlemäge iteren bolmagy mümkindir.

Platonyň aň ýetirşine görä, Beýik Taňry adamy ýaradanda özüne meňzeş edip ýaradypdyr. Ýerdäki ýaşaýyş adam döredileninden soň başlanypdyr. Adamlaryň kämil bolmadyk görnüşlerinden haýwanlar, ösümlikler ýaradylypdyr. Şular ýaly meňzeşlik Platonyň pikiriçe, metallaryň arasynda-da saklanýar.

Platonyň pikiriçe, metallaryň iň kämilli, asyly altyndyr, sebäbi onda ýeriň garyndysy ýokdur. Hut şonuň üçinem ol ýagty, açyk reňklidir, ol poslamaýar, wagtyň täsirine durnuklydyr. Mis bolsa tersine, onda ýeriň garyndasy bardyr, ol posa, wagtyň täsirlerine çydamsyzdyr. Eger misden Platonyň pikiriçe, altyn gowulygyň görkezijisi, mis bolsa ýaramazlygyň nyşanydyr.

Şuňa meňzeş düşünje Magtymguluda-da bar. Şahyr olary özüniň dünýewi we öwüt – ündewi goşgularynda aňladypdyr. Pyragy ähli adamlary iki topara bölýär: asyllylar we asylsyzlara. Asyllylar altyna, asylsyzlary mise meňzedýär:

***Galp adamyň basym görüner misi ...***

diýen setirde mis ýaramazlygyň nyşany hökmünde aňladylýar.

Şahryň pikiriçe, asyl adamlar azgynlygyň her hili şertlerin-de öz ahlak durnuklylygyny saklaýarlar, emma asylsyzlar welin, şertiň üýtgemegi bilen öz ahlak durnuklylygyny ýitirýärler. Şahyr bu ýagdaýy altyn bilen misi özara deňeşdirmek bilen beýan edýär:

***Misler aglar, tylla – göwherler güler,***
***Toprak içre ýatyp, «zeň» sesin aňsa.***

Magtymguly bu setirlerde Platonyň pikirini ösdürip, olara täze öwüşgin beripdir. Şahyryň pikiriçe, ösümliklerem asly we asyl däl gelip çykyşly toparlara bölünýär. Asyl gelip çykyşly tohumlar öz ösüşleriniň dowamynda toprakda berk kök tutýarlar, olar daşky gurşawyň ýaramaz täsirlerine durnukly bolýarlar. Asyl ösümlikler öz ösüşlerini «behiştde» — baharda dowam edýärler. Emma asly sagdyn bolmadyk ösümlikler bolsa, daşky ýaramaz täsirlere çydaman «dowzaha» düşýärler, guraýarlar. Heläk bolýarlar. Ýagny, şahyryň garaýşyna görä, ösümlik tohumlary-da topraga düşeninden soň, edil merhum adamlar ýaly «o dünýäniň»

gazabyna duçar bolýarlar, olarda-da «dowzah», «behişt» atly synaglar bar. Biz olar hakynda gazatimiziň öňki sanlarynyň birinde giňişräk gürrüň edipdik.

Platona görä, «aşak» we «ýokary» diýen düşünjeler otnositeldir. Ýer şarynyň başga nokadynda duran adam üçin «aşak» we «ýokary» diýen düşünjeler biziňkä görä, gapma – garşydyr. Adamlar agyrlyk güýjüniň dartýan «aşak», garşylyk tarapyna «ýokary» diýýärler.

Şeýle düşünji Magtymguluda-da bar:

***Asman diýrler Zeminde, Zemin diýrler Asmanda,***
***Bir-birige gümanda, güman senden bihabar.***

Panteistik häsiýetdäki bu setirlerde Asman (ýokary) we Zemin (aşak) diýen düşünjeleriň otnositeldigini, olaryň giňişlikdäki duran ýeriň baglydygyny tassyklaýar.

Platonyň pikir edişine görä älem giňişliginiň merkezinde hereketsiz Ýer bolup, daşyndan belli bir aýlawlar boýunça: Ýer togalak (şar) görnüşdedir.

Magtymgulynyň älemi-de geomerkez esasynda gurlandyr: älemiň merkezinde Ýer bolup, onuň daşynda ýedi sany asman jisimleri belli bir aýlawlar bilen hereket edýärler. Ýer togalak şekildedir. Ýeri gelende bellesek, Ýeriň togalak şekildedigi hakyndaky düşünje halk köpçüligine has irki döwürlde-de mälim eken. N.Murawýow 1819-nji ýylda Hywa eden syýahatyna bagyşlap ýazan kitabynda ýönekey türkmenleriň Ýeri togalak görnüşde göz öňüne getirýändigini aýdyp geçipdir.

Galen — Galen Klawdiý, 129 — 199-nji ýyllarda ýaşap geçen, gadymy ýunan lukmany, anatomiýany, fiziologiýany öwreniji alym, bu ugurdan köpsanly kitaplaryň awtory.

Galen özüne çenli ýaşap geçen alymlaryň lukmançylykda gazanan maglumatlaryny jemläp, tertibe salypdyr. Ol örän öndümli işläpdir. Ol lukmançylykdan 150 sany iş ýazypdyr, olaryň 80-e golaýy biziň günlerimize gelip ýetirpdir. Onuň ylmy başga ugurlaryndaky ýazan işleriniň sanyny hasaba alsak, onda olar 250-ä ýeter.

Galen antomoiýany öwrenijidir. Onuň ýaşan döwründe Rimde lukmanlary jesetleri açmaga, kesip görmäge gadaganlyk girizilipdir. Bu ýagdaý Galene deňeşdirme anatomiýasyny öwrenmäge mümkinçilik beren. Ol maýmynlaryň bedenini, süňklerini, myşsalaryny öwrenmek bilen olaryň adamyňky bilen umumylygynyň bardygyny kesgitläpdir. Iç kesellerini bejeriş nukdaýnazardan Galen özüne öňki döwürde gazanylan dermanlary, käte bolsa, onlarça dermanlaryň dürüşdesinden ýasalan melhemler bilen näsagy bejermegi maslahat beripdir. Bu usul näsagda, käte zäherli maddalaryň döremegine sebäp bolupdyr, näsagy ýaramaz ýagdaý eltipdir.

Magtymgulydyr Azadynyň bize belli bolan melhemleriniň içinde çylşyrymly düzümeden ybarat bolan melhemler ýok.

Magtymguludan mysal:

***Burç bilen duz täze ýara***
***Awy gatar rozygäre.***

***

***Magtymguly yllatly göz,***
***Haraba döner, degse duz.***

Bu setirlerde täze we iriňli ýaralary burç we duz hem olaryň garyndalary bilen işläp, bejerip bolýandygy ýaňzydylýar.

Azadynyň 40 sany melhemden ybarat bolan dermanhanasynyň esasyny gök önümler, ir-iýmişler, duz şuňa meňzeş elýeterli maddalar eýeleýär.

Galen, Eflatuna ýolun görkezip

diýen setirden duýulyşyna görä ol tapawut gapma-garşylykly häsiýete eýe däl. Biziň pikirimizçe, şeýle tapawut Galeniň janly-jandarlary, jesetleri kesip, olaryň iç goşlaryny öwrenmeklige esaslanýan usullaryna garşy gönükdirilen bolmagy mümkindir. Sebäpi musulman kadasyna görä ähli janly-jandarlara haýwanlara jan Beýik Taňry tarapyndan

berilýär we diňe şonuň emri bilen hem yzyna alynýar. Olara bilkastlaýyn tyg urmak, janyna jebir etmek bolmaýar.

Adamçylyk taýdan hem Galende Magtymgulynyň ahlak pelsepesine gabat gelmeýän talaplary bar. Alymlaryň tassyklamaklaryna görä, Galeniň käbir eserlerinde çaga öwünjenliligi, boşsözlülik ýaly häsiýetler duýulýar. Bu ýagdaýlar hem Magtymgula Galena bolan dogry ýol görkezijilik tarapy eýelemäge esas beren mümkindir.

Eýsem, Galeniň eserleri niçiksi ýagdaýda Magtymguly daga ýetip bildikä?

Galen ýaşlykda Aleksandriýa şäherinde bilim alypdyr, arap ýazuw kadalaryny öwrenipdir. Bu onuň eserleriniň musulman halklaryna, Ýakyn we Orta Gündogara ýaýramagyna sebäp bolan bolmagy ahmal.

Magtymgulynyň goşgularynda belli ýunan alymy Aristoteliň hem ady gabat gelýär. Emma bu alym Magtymgulynyň döredijiligine gaýýtaklaýyn, şahyry has ýakyn bolan başga alymlaryň üsti bilen ýetirlipdir. Biz bu hakda geljekki ylmy işlerimizde söhbet açmagy göz öňünde tutýarys.



***Çary Kulyýew,***
Himiýa ylymlarynyň kandidaty

*Çeşmesi: Turkmenistanynň Altyn Asyr neşriýeden*
*Taýýarlan: Ş.A*
*Türkmen Kultur Ojagy, Göteborg*